***Ýurdumyzyň futbol boýunça 23 ýaşa çenli oýunçylardan ybarat ýaşlar ýygyndysy Aziýanyň kubogy — 2026-nyň saýlama tapgyryndaky ikinji duşuşygynda hem ýeňiş gazandy. «A» toparçada ýaryşýan ildeşlerimiz bu gezek Butanyň ýygyndysyndan 2:0 hasabynda üstün çykdylar.***

Amman şäheriniň Halkara stadionynda geçirilen duşuşykda ýaşlar ýygyndymyzyň ilkinji goluny 12-nji minutda Söhbet Durdyýew geçirdi. Goşmaça wagtyň 3-nji minutynda Daýanç Meredow saýlama tapgyrdaky dördünji, şu duşuşykda bolsa ilkinji goluny geçirip, ýaşlar ýygyndymyzyň ýeňşini has berkitdi.

Yzda galan iki tapgyrdan soň ildeşlerimiz ýer eýeleri — Iordaniýanyň ýygyndysy bilen birlikde birinji we ikinji orunlary paýlaşýarlar. 9-njy sentýabrda geçiriljek aýgytlaýjy duşuşyk toparçanyň ýeňijisini kesgitlär.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены